# iPhone 16 täze reňklerde size hüdürlenýär

Onuň berýän maglumatyna görä, iPhone 16 Pro we iPhone 16 Pro Max gara, ak ýa-da çal (ýa-da “natural titan”), çal ýa-da gülgüne reňklerde elýeterli bolar. Mümkin Blue Titanium reňki gülgüne titan reňkiniň peýdasyna iPhone 16 Pro hataryndan aýrylar.
iPhone 16 we iPhone 16 Plus gara, ýaşyl, gök we ak reňklerde çykar. Bu diýildigi, sary reňke derek ak reňk çykar.
Kuonyň bellemegine görä, Apple bar bolan reňkleriniň adyny üýtgedip biler.
Şu maglumat peýda bolan badyna Majin Bu lakamy bolan insaýder iPhone 16-nyň standart wersiýasynyň iki reňkden – ak we gara reňklerden ybarat täze suratlaryny paýlaşdy.
Garaşylyşy ýaly, iPhone 16-nyň täze hatary 2024-nji ýylyň sentýabrynda çykar.
Öň habar berlişi ýaly, iPhone 16 hatary foto düşürmek üçin ýörüte düwmä eýe bolar. Ol sensor arkaly dolandyrylar we masştaby üýtgedip bolar.

Tianfeng International-yň analitigi Ming-Çi Kuo iPhone 16 hatarynyň täze reňkleri barada habar berdi diýip, IXBT habar berýär.

Все права защищены